# Indem «Daşarky güýçler» diýse, bolaýjak…» diýip durdum welin, diýäýdi walla!

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Indem "Daşarky güýçler" diýse, bolaýjak…" diýip durdum welin, diýäýdi walla! INDEM “DAŞARKY GÜÝÇLER" DIÝSE, BOLAÝJAK.." DIÝIP DURDUM WELIN, DIÝÄÝDI WALLA!

■ **HEZIL EDIP GÜLDÜM**

Indem “Daşarky güýçler diýse, bolaýjagam…” diýip durdum welin, diýäýd-aý, şony, walla!
Amerika lasyrdap gaýnaýar.
Türkiýedäki "Gezi" demonstrasiýasyna meñzeş tolgunşygyñ edil ortasynda şumat Amerika.
Garaýagyz raýat polisiýanyñ adamkärçilige sygyşmaýan ýaramaz hereketleri sebäpli adamlaryñ gözüniñ alnynda jan berdi.
Tebigy taýdan halk köpçüliginiñ garşylygy uly boldy.
Garşylygyñ gerimi şeýle bir ulaldy welin, diñe wakanyñ bolan ýeri Minneapolis bilen çäklenmän, ýurduñ çar künjüne ýaýrady.
Işiñ asly şudur – ähli garşylyklaýyn çykyşlar doly derejede parahatçylykly we adaty bolaýmaly zat.
Emma uly gatlaklaryñ gatnaşýan ähli parahatçylykly demonstrasiýalarynda bolşy ýaly, Amerikada-da olaryñ içine aralaşan käbir prowokatorlar eden-etdiçilikli sahnalara ýol açdylar.
Elbetde eden-etdiçilikli wakalaryñ köpüsinde amerikan polisiýasynyñ çäklendirilmedik güýç ulanmagynyñ täsiri-de bar.
Teleýaýlymda görenlerimden añlaýşymça, Amerikadaky ştatlarda bizdäki ýaly gorag galkanly polisiýa birlikleri ýok.
Şonuñ üçinem poliseýleriñ köpüsi köpçülik bilen garşylaşanlarynda näme etjeklerini bilenoklar we köçe dawasyny edýän ýaly gyzyl ýumruga giriberýär ýa-da eline ilen zady

bilen urmaga başlaýar.
Bizdäki ýaly suw pürkýän “TOMA” tipli awtoulaglaram ýok, emma gaz pürkýärler.
Bulardan has beteri bolsa Prezident Trampyň çykyşlary, internetden atýan twitleri adamlaryň jynyny atlandyrýar.
Düýnkü ýazgymda “Bular nähili tanyş, şeýle dälmi?” diýip sorapdym.
Trampyň pikiriçe bu haý-haýly wakalary başlanlar çepçiler, terrorçylar, anarhistler.
Trampyň çykyşlaryna tomaşa edip durkam “Bu samahyllamalaryny az görýän ýaly, şindem daşarky güýçlerden söz açaýsa” diýip oýlananymam şody welin, Tramp hakykatdanam daşarky güýçler diýip samrap başlasa näme?
Hawa, gürrüňiň temasy Amerika bolsa, "daşarky güýç" kesgitlemesi-de başga bolýar.
Biziňkiler "daşarky güýçler" diýlende, ilkini nobatda ýatlaryna Amerikany düşürýär.
Soňra NATO we Ýewropa bileleşigine girýän ýurtlar.
Russiýa, Eýran, Hytaý ýaly ýurtlar o diýen "daşarky güýç" hasaplanmaýar.
Amerika üçin "daşarky güýç" bolanda, ilki bilen iki ýurt ýada düşýär: biri Hytaý, beýlekisi Eýran.
Emma Tramp bu gezek bularyň hataryna Zimbabwäni-de goşdy.
"O nire bolýa?" diýip soramaň, Zimbabwe Afrikadaky bir döwlet.
Ak Tamyňam awy-zäher pürküp duran geňeşçileri bar, olar Trampa “Zimbabweden ýazylan twitleri-de gördük, Hytaý we Eýran turuwbaşdan twit atyp durdylar.”
Tramp hem ýerinden galkyp, bu ýurtlary günäkärleýär.
Elbetde, düýnki ýazgymy ýazamda “Eline Injil alypmydy?” diýen pikiri etmändim, ýadyma-oýuma beýle zat düşmedi çünki.
Emma aklyňa-oýuňa düşmejek zady Tramp etdi.
“Wandallar köpçüligi bulaýarlar. Halky zordan saklaýaryn. Agyr ýaraglar bilen ýaraglandyrylan polisiýany we goşuny demonstrasiýaçylaryň üstüne sürerin!” diýip, bir eli Injilli halka haýbat atýar.
Diýmek, özüni "eldegrilmesiz ýeke-täk adam" saýýan awtoritar hereket edende öz tarapdary dälleri dyza çökererin öýdýänleriň

umumy meñzeşlikleriniñ biri-de, eline ylahy kitaby alyp bulaýlamak eken.
Görşüñiz ýaly, ýurtlar hernäçe ösenem bolsa, bu düzgün hiç ýerde üýtgemeýän ekeni.
Her ýurduñ garyp-pukara, jahyl, sowatsyz, bimaksat we birsydyrgyn ýaşaýan köpçüligi bar, hut şolar hem bular ýaly populist propagandalara güpbe ynanýar.
Göreliñ bakaly, amerikan halky ýakynlap gelýän (alty aý soñ) Prezident saýlawlarynda näme ederkä?
Eliñe mukaddes kitaby alyp halka haýbat atmak, başga ýurtlardaky ýaly saýlawlarda ýeñiş gazandyrarmyka?
Tramp "daşarky güýçler" ertekisini otaryp, kürsüsini gorap bilermikä?
Wagt azalýar. Nesip bolsa, hemmämiz göreris munuñ netijesini.

## ■ MUNY ÝAZMAK GEREK

Amerikada kimsäniñ ýadyna-oýuna "BBC" üçin derñew işini açmak düşmez.
Mundan ýedi ýyl öñ "Taksim" meýdanynda "Gezi" demonstrasiýasy bolup geçende, häkimiýet we onuñ tarapdarlary daşary ýurtlaryñ teleýaýlymlarynyñ Türkiýeden gepleşik bermegine agzyndan gelen zatlaryny diýýärdiler.
Hususanam halk köpçüligine garşy agyr hüjümleriñ gurnalýan wagty amerikan CNN teleýaýlymynyñ göni ýaýlymda gepleşik bermegine häkimiýet tarapyndan "halkara komplimasiýa" hökmünde baha berlipdi.
Hamana Erdogany agdarmak isleýän "daşarky güýçler" ýerli haýynlar bilen dil birikdirenmişler we CNN hem şolaryñ arasyndamyş.
Hawa, ýerli CNN şol beýik tolgunşygy ýok hasap edýändigi üçin orginal CNN-iñ žurnalistlik etmegine nätjeklerini bilenokdylar.
"Gezi" wakalaryndan howatyrlanan tarapgöý oýnatgy metbugatyñ käbir muşkotýorlary bolsa “Mundan beter haýynlyk bolup bilermi? CNN öz ýurdunda şular ýaly waka bolup geçse berip bilermikä?” diýen ýaly bolgusyz soraglar bilen Türkiýedäki söz

azatlygyna inderilmek islenýän urgulara bahanalar toslamaga çalyşýardy.
Hawa, bular ýaly gepedüşmez pañkellelere aýdan-diýeniñ tär edenokdy.
Şeýle bir agzy köpürjikli muşkotýorlar bardy welin, utanman-etmän “Amerikada bular ýaly wakany efire beren žurnalistleriñ jesetlerini ertesi gün zibilhanadan tapýarlar. Amerikan döwleti hiç bir dönükligi bagyşlamaýar” diýen ýaly heñe gelmejek bolgusyz ýazgylary-da ýazdylar.
Şindi Amerikada edil biziñki ýaly "Gezi" demonstrasiýasy bolup geçýär.
Dünýäniñ ähli köpçülikleýin habar beriş serişdesi bu ýurtda.
Iñlisleriñ "BBC" teleýaýlymy Ak tamyñ öñünde halk köpçüligine gaz bombalary bilen hüjüm edilşini göni ýaýlymdan berip dur.
CNN ähli ştatlardan göni ýaýlymdan gepleşik berip dur.
“Bu aýal Türkiýäni bulamak üçin ýörite ugradylypdyr diýip aýyplanan Kristina Amanpur Amerikadaky demonstrasiýalarda-da göni ýaýlymda gepleşik berip dur we onuñ ekrana çykan polisiýa müdiri: “Tramp, bar zady bulaşdyrýan özüñ, bes et indi, agzyñy ýum!” diýip seslenýär.
Käbir ýerlerde hemme ýurtda gabat gelşi ýaly polisiýa metbugatyñ işine päsgelçilik döretmäge çalyşýar, hatda CNN-iñ bir habarçysynyñ elini-da gandalladylar, emma ahyrynda hiç kimiñ ýadyna “Teleýaýlymlar bu wakalary näme üçin ýaýlyma berýär, gazetler näme üçin habarlary çişirip ýazýar?” diýmek düşenok.
Häkimiýeti goramak üçin özlerini orta oklan tarapgöýçülikli muşkotýor metbugata bu hakykaty ýatlatmakda peýda bar.
Ýene dazzaryldylar çünki.

## ■ BIR SORALYÑ BAKALY!

"Minara syçanlary" häzirem ele salynmady.
Hernä Izmirde käbir metjitleriñ ses gataldyjysyndan aýdym goýberilendigi baradaky habary ýaýradan RHP-li Banu Özdemir jogapkärçilikden boşadyldy.
Dowamly hukuk garamatyny başdan geçirýän ýurdumyzdaky iñ soñky

geñ-tañsylygam şudy.
Metjitleriñ ses gataldyjysyndan aýdym goýberenler tapylanok, emma muny habar beren kişi şobada tussag edilýär.
Serediñ, eýýäm näçe gün geçdi.
Häzirem ses gataldyjylara aralaşan minara syçanlary ele salynmady.
Ýedi ýyl öñ bir ýetginjegiñ atan twitini iş edinip tapan we “Munda Hormatly Prezidentimize garşy hapa-paýyş sözler bar” diýip, twitiñ eýesini tussag astyna alan operatiw gulluklar metjidiñ minasyndan aýdym goýberenleri tapyp bilenok.
Içeri işler ministri özü-de bilmezden özüni o wezipä bellän AKP-nyñ başlygynyñ sözüni ýalanlap: “Munda bir prowokasiýa bar” diýýär, işgärleri bolsa şol "prowokasiýany" amala aşyranlaryñ kimdigini anyklap bilenoklar.
Ýogsa-da aslynda ony edenleriñ kimdigini bilýärlermikä?
Olam bolup biläýjek zat.
Çünki bular ýaly zady diñe metjidiñ öz içinden edip bolýar.
Kim bilýär, belki-de, kimiñ edendigini tapdylar-da, olam özlerinden biri bolansoñ: “Haý Alla, bizden biri bolup çykdy” diýip üstüni örtýärlermikä ýogsa?

## ■ MENI GYZYKLANDYRAN ZATLAR

Bu statistiki maglumatlara dogry düşündiriş bermek gaty kyn.
Indi ýazylganly günlere geçdik.
Ýazylganly diýdigim – koronawirusly günlerde berkleşdirilen ýaşaýyş formamyzyñ kem-käsleýin gowşadylmagy.
Dogrusy, ildeşlerimiziñ köpüsi “boldy, koronawirus belasy başymyzdan sowuldy indi” pikirde.
Maskalar bolmasa koronawirusly günlere täzeden dolanyp gelmäge başlandygymyza düşünmek mümkin däl.
Eýse bu musallat hakykatdanam başymyzdan sowuldymy?
Ikinjiden “Türkiýe hakykatdanam bu agyr synagdan üstünlikli çykdymy?”
Memduh Baýraktarogly düýnkü ýazgysynda “Ölüm statistikasynda Türkiýäniñ dünýä boýunça onunjy ýerdedigini” ýazypdyr.
Baýraktarogly “195 ýurduñ arasynda onunjy bolmak üstünlikmi?”

diýip soraýar.
Menem üstünligiñ munuñ niresindedigine düşünemok.
Elbetde, bu ýowuz beladan sag-aman dynalyñ we munuñ üçin näme etmeli bolsa edeliñ, emma muny göz-görtele syýasy propoganda öwürmegiñ we nädogrudygy görnüp durka “Dünýä bize barmagyny dişleýär” diýmegiñ hiç hili manysy ýok, hiç bir babatda ynandyryjy däl.
Häzir menem käbir ünsüñizi çekäýjek statistiki maglumatlary bermek isleýärin.
Bize goñşy ähli ýurtlar bilen Ortaýer deñzine ýanaşýan ýurtlardaky koronawirus wakalaryna we ölüm sanyna seretdim.
Bu maglumatlara ýüzugra seredende-de ullakan bir üstünlik göze ilmeýär.
31-nji maýda habar berilen resmi maglumatlara sizem göz aýlañ:

Gresiýa – waka 2817, ölüm 175;
Bolgariýa – waka 2515, ölüm 140;
Rumyniýa – waka 19.257, ölüm 1266;
Ukraina – waka 24.012, ölüm 718;
Gürjüstan – waka 794, ölüm 12;
Ermenistan – waka 9402, ölüm 139;
Yrak – waka 6439, ölüm 205;
Azerbaýjan – waka 5494, ölüm 63;
Eýran – waka 151.466, ölüm 7797;
Siriýa – waka 122, ölüm 5;
Ysraýyl – waka 17.106, ölüm 285;
Müsür: waka 24.985, ölüm 959;
Liwiýa – waka 156, ölüm 5;
Tunis – waka 1077, ölüm 48;
Alžir – waka 9394, ölüm 653;
Marokko – waka 7807, ölüm 205;
Fransiýa – waka 185.851, ölüm 28.751.
Türkiýe – waka (1-nji iýundaky hasap) 164.769, ölüm sany 4563.

## ■ NOSTALGIÝA

Kabataş wideoýazgylaryna häzirem tomaşa edýäris.
Amerikada "Gezi" demonstrasiýasyna çalymdaş wakalary görüp,

Kabataş ýalany ýadyma düşdi.
Tarapgöýçülikli muşkotýor metbugat organlary "Geziden" şeýle bir howatyrlandylar welin, aklyña-oýuña gelmejek ýalan habarlar toslap, adamlaryñ añyny öz islän ugurlaryna gönükdirmäge synanyşdylar.
Bulardan biri-de Kabataşda türbanly bir aýalyñ bilinden ýokarsy ýalañaç, deri balakly, deri ellikli we ýüzi gyzyl bandanaly toparyñ banditçilikli hüjümine uçramagydy.
Kolýaskasy çagaly aýala wagşylyk bilen topulypdylar, munuñ bilenem çäklenmän özünden gidip ýykylan aýalyñ üstüne buşugypdylar.
Bu zatlaryñ barsy on müñlerçe adamyñ gözüniñ alnynda bolup geçenem bolsa, göýä aýalyñ görkezmesinden başga bolup geçenlere güwä geçip biljek ýeke şaýat ýokdy.
Muña derek her biri häkimiýetiñ muşkotýoryna öwrülen žurnalistler banditçilikli wakany süýjedip-süýjedip gürrüñ berýärdiler.
Özem utanman-etmän “Wideoýazgyny gördük, ýüregmiz bulandy” diýdiler.
Şol döwrüñ premýer-ministri-de “Wideoýazgyny gysga wagtyñ içinde jemgyýetçiligiñ dykgatyna ýetireris, masgaraçylygy özüñiz görüñ-de, baha beriñ” diýipdi.
Üstünden ýedi ýyl geçdi, ol aýdylýan wideoýazgy häzirem ýok.
Emma tarapgöý žurnalistleriñ barsynyñ şol bir sözbaşy bilen ýazan ýazgylary ähli bihaýaçylygy bilen hakydamyzda dur.

**BELLIK:** Wiý, birem metjitde piwo içýän we jynsy gatnaşyk edýän wideoýazgylar bar diýipdiñiz, olara näm boldy, hany olar?

Jan ATAKLY.

03.06.2020 ý, "Korkusuz" gazeti.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW,
Stambul uniwersitetiniñ talyby. Publisistika